#169 (191)
среда, 20 марта 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**_15-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň ileri tutulýan meseleleriniň birnäçesine garaldy._**

***Milli parlamentde***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygyna söz berildi. Ol milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda iş toparlary tarapyndan energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak, gidrometeorologiýa işi bilen baglanyşykly täze kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, maşgala gatnaşyklaryny, weterinariýa işini, ýer babatda hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan we beýleki hereket edýän hukuk namalaryna üýtgetmelerdir goşmaçalar girizilýär.

Şeýle hem daşary ýurtlaryň parlamentleri, halkara guramalar bilen gatnaşyklary giňeltmegiň çäklerinde durmuşa geçirilýän çäreler barada hasabat berildi. Mejlisiň deputatlary Türkmenistanda Daşary söwda düzgüni hakynda Ähtnamany taýýarlamak bilen bagly meseleler boýunça Aziýanyň ösüş bankynyň geňeşçileriniň we Bütindünýä Söwda Guramasynyň wekilleriniň ýurdumyzyň degişli ministrlikleriniň wekilleri bilen geçirilen iş duşuşygyna gatnaşdylar.

***Nebitgaz toplumynda***

«Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan tebigy gazyň çykarylyşyny artdyrmak boýunça görülýän çäreler baradaky hasabatda tebigy gazyň çykarylýan möçberini artdyrmak üçin, ilkinji nobatda, gory boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýän «Galkynyş» gaz känini özleşdirmek boýunça «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan netijeli işleriň alnyp barylýandygy aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, döwrebap enjamlar we serişdeler arkaly degişli känlerde ulanyşbaha beriş guýulary gazylyp, senagat taýdan ähmiýetli bolan kükürtsiz gaz akymlary alyndy.

«Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan geljek ýyllarda hem nebitgaz ýataklaryny gözlemegiň we özleşdirmegiň hasabyna gaz känlerinde gysga wagtda tebigy gazyň goşmaça möçberini çykarmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy. Şunuň bilen baglylykda, ulanyş-baha beriş guýularynyň buraw işlerine girişildi. Mundan başga-da, täze burawlanýan gaz guýularynyň ýerüsti gurluşyk işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur bolan maddy-tehniki enjamlar bilen üpjün etmek boýunça degişli çäreler amala aşyrylýar diýlip bellenilýär.

***Oba hojalygynda***

Oba hojalyk pudagynda hem-de welaýatlarda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy, gowaça ekişine görülýän taýýarlyk barada hasabat berildi. Bugdaýyň bol hasylyny öndürmek arkaly azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri, şol sanda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleriniň alnyp barylýandygy habar berildi. Ýurdumyzda öndürilýän gök-bakja önümleri bilen ilatymyzy ýeterlik möçberde üpjün etmek üçin ýazlyk ekinleri ekmek işi dowam edýär. Häzirki wagtda welaýatlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda gowaça ekişine başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Munuň üçin gowaça tohumlary hem-de oba hojalyk tehnikalary taýýarlanyldy.

Wise-premýer döwlet Baştutanymyza gowaça ekişine başlamagyň senesini belläp, oňa ak pata bermek baradaky haýyş bilen ýüzlendi. Şunuň bilen baglylykda, ussat daýhanlaryň, tejribeli hünärmenleriň, alymlaryň we mehanizatorlaryň gatnaşmagynda welaýatlarda tejribe maslahatlaryň geçiriljekdigi aýdyldy.

***Energetikada***

Ýurdumyzda işewürligi goldamak hem-de daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek babatda ozal berlen tabşyryklary ýerine ýetirmek boýunça amala aşyrylýan işler baradaky hasabatda elektrik energiýasyny toplaýjy we saklaýjy enjamlary öndürmäge ýöriteleşdirilen «Üznüksiz çeşme» hojalyk jemgyýetini döretmegiň meýilleşdirilýändigi barada aýdyldy.

Mundan başga-da, Hökümet Maslahatynda medeniýet, ylym, bilim, sport, saglygy goraýyş ulgamlarynda, telekeçilikde, daşary syýasatda, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginde alnyp barylýan işlere garalyp, degişli çözgütler kabul edildi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ИРЛАНДИИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Ирландии Майклу Д.Хиггинсу и всему народу Ирландии по случаю Национального праздника страны – Дня Святого Патрика.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Майклу Д.Хиггинсу пожелания крепкого здоровья и успехов в дея-тельности, а народу Ирландии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления Владимиру Путину по случаю его победы на выборах и переизбрания на пост Президента Российской Федерации.

«Очередное избрание Вас на этот пост является показателем оказанного Вам высокого доверия и признания Ваших заслуг перед страной. Уверен, что под Вашим руководством будет достигнут дальнейший прогресс в экономике государства, а также обеспечено процветание и благосостояние всему российскому народу. Ваш профессионализм и богатый политический опыт послужат дальнейшему расширению взаимовыгодного сотрудничества между Туркменистаном и Российской Федерацией.

Отрадно отметить высокий уровень туркмено-российских двусторонних отношений, наглядно отражающий плодотворное партнёрство и тесное взаимодействие наших стран по самому широкому спектру направлений. Мы в Туркменистане высоко ценим Ваш личный вклад в развитие двусторонних связей и выражаем готовность к совместной работе по дальнейшему наращиванию сотрудничества на благо наших народов», – отмечается в послании.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Владимиру Путину пожелания крепкого здоровья, благополучия и больших успехов на высшем государственном посту во имя мира, прогресса и процветания дружественного народа Российской Федерации.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления Владимиру Путину по случаю его убедительной победы на Президентских выборах, состоявшихся в Российской Федерации.

«Вы, на протяжении многих лет неустанно трудясь на высшем государственном посту, последовательно осуществляете качественные преобразования и ведёте свою страну к новым рубежам развития. Итоги выборов являются высокой оценкой Вашей многогранной деятельности и демонстрируют широкое доверие со стороны многонационального народа России.

Стратегическое партнёрство между Туркменистаном и Российской Федерацией постепенно развивается и наполняется новым содержанием. Считаю необходимым отметить Ваш личный вклад в упрочение дружбы и сотрудничества между нашими странами.

Выражаю глубокую убеждённость, что в последующие годы туркмено-российские отношения будут и далее укрепляться в духе взаимного доверия и уважения», – подчеркнул в своём послании Герой-Аркадаг.

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выразил Президенту Владимиру Путину искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и прогресса.

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW LEBAP SEMENT ZAWODYNYŇ IKINJI TAPGYRYNYŇ AÇYLYŞ DABARASYNA GATNAŞDY



***13-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Lebap welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Köýtendag etrabynda ýylda 1 million tonna sement öndürmäge ukyply Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi mynasybetli dabara gatnaşdy.***

Ir bilen döwlet Baştutanymyzyň uçary Kerki Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz mähirli garşylanyldy.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dikuçary howa menzilinden iri senagat kärhanasyna tarap ugrady.

Biraz wagtdan soňra, döwlet Baştutanymyzyň dikuçary ýurdumyzyň iri sement zawodynyň birinji tapgyrynyň ýanyndaky meýdançada gondy.

Hormatly Prezidentimiz awtoulagda bu ýerden uzakda bolmadyk çäkde täze, häzirki zaman kärhanasynyň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli dabaranyň geçirilýän ýerine ugrady.

Sebitiň we ýurdumyzyň ähli ilaty üçin ähmiýetli bolan waka mynasybetli bu ýere Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Halk Maslahatynyň wekilleri, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Lebap welaýatynyň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem-de jemgyýetçilik wekilleri ýygnandylar.

Hemmeler uly ruhubelentlik bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy mübärekledi. Sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren joşgunly çykyşlary dabaranyň şowhunyny has-da artdyrdy.

Döwlet Baştutanymyz açylyş dabarasy üçin ýörite taýýarlanan ýere — mejlisler jaýyna geçdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dabara gatnaşyjylaryň öňünde çykyş edip, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda ýerleşýän Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň açylýandygyny belledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz eziz Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilen beýik işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini buýsanç bilen nygtady.

Çykyşda bellenilişi ýaly, döwletimiziň gurluşyk senagatyny ösdürmäge gönükdirýän maýa goýum serişdelerini netijeli özleşdirmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Täze zawodyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Türkmen enjam» hojalyk jemgyýeti tarapyndan amala aşyryldy. Onda dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Bu bolsa önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, uly islegden peýdalanýan önümleri öndürmäge mümkinçilik berer diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Kärhana 38 sany binadan we desgadan ybarat bolup, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleriniň ýylda 1 million tonnasyny öndürmäge ukyplydyr. Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynda 250-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli zerur önümçilik we durmuş şertleri döredilendir.

Döwlet Baştutanymyz dabara gatnaşyjylary, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, Lebap welaýatynyň ýaşaýjylaryny bu möhüm desganyň işe girizilmegi, şeýle hem Türkmenabat şäherinde döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň gurlup ulanmaga berilmegi, sebitiň ilatyna täze ýolagçy awtobuslarynyň sowgat berilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra «Thyssenkrupp Polysius GmbH» kompaniýasynyň enjamlary işe girizmek boýunça baş gözegçisi Mate Resetara söz berildi.Ol möhüm waka — Köýtendag etrabyndaky Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi mynasybetli ýygnananlary tüýs ýürekden gutlap, bu ýokary tehnologiýaly taslamanyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmagyň özi we kärdeşleri üçin uly hormatdygyny belledi.

Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň gurluşyk taslamasynyň çäklerinde «Thyssenkrupp» kompaniýasy tarapyndan getirilen enjamlar we ýerine ýetirilen inženerçilik işleri halkara ölçeglere, has takygy, Germaniýanyň senagat standartlaryna — DIN ülňülerine, sement senagatynyň standartlary hem IEC we ISO standartlaryna doly laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda, «Thyssenkrupp Polysius GmbH» kompaniýasynyň wekili Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine degişli güwänamany gowşurdy.

Soňra dabara gatnaşyjylar uly ekranda türkmen topragynyň täsin we gözel künjekleriniň birinde ýerleşýän Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyry barada ýörite taýýarlanan wideofilme tomaşa etdiler.

Dabara tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz mejlisler jaýyndan çykyp, ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesdi. Şol wagt asmana dürli öwüşginli howa şarlary uçuryldy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dolandyryş binasyna tarap ugrady. Ýol ugruna Arkadagly Gahryman Serdarymyza zawodyň degişli desgalary we olaryň aýratynlyklary barada gürrüň berildi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň kärhanalary tarapyndan öndürilýän dürli görnüşli önümleriň sergisi bilen hem tanyşdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dolandyryş binasynyň ikinji gatyna bardy. Bu ýerde önümçiligi dolandyrmagyň merkezleşdirilen ulgamy ornaşdyrylypdyr. Onuň üsti bilen tehnologik işiň ähli tapgyrlary dolandyrylýar.

Pudagyň ösdürilmegine berýän yzygiderli ünsi üçin hormatly Prezidentimize hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärleriniň adyndan çuňňur hoşallyk bildiren zawodyň hünärmeni Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyryny işe girizmäge ak pata bermegini haýyş edip, döwlet Baştutanymyza ýüzlendi.

Garaşylan pursat ýetip geldi: hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dolandyryş ulgamyndaky düwmäni basyp, iri senagat desgasynyň işine badalga berdi.

Wideoşekilli ýazgy arkaly çylşyrymly önümçiligiň işe girizilmeginiň tehnologik prosesi görkezildi.

Döwlet Baştutanymyz binadan çykyp, sement zawodynyň direktoryna bu ýerdäki meýdançada hatara düzülen, täze önümçilikde işlediljek kuwwatly ýöriteleşdirilen tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegi ýurdumyzyň gurluşyk-senagat toplumynyň ösdürilmegine saldamly goşant bolar hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän giň möçberli özgertmeleriň çäklerinde Diýarymyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyklaryň depginini has-da artdyrmaga goşmaça itergi berer.

Dabara tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz oňa gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Şol gün döwlet Baştutanymyz paýtagtymyz Aşgabada gaýdyp geldi.



# The President of Turkmenistan received the Vice President of the EBRD

On March 14, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the Vice President of the European Bank for Reconstruction and Development (EBRD) Mark Bowman.

The EBRD Vice-President noted that the targeted measures implemented in our country to improve the national financial and banking system and comprehensive programs in various sectors make it possible to ensure economic stability and maintain high rates of development.

The President of Turkmenistan, emphasizing that Turkmenistan attaches special importance to strengthening mutually beneficial international cooperation, including productive ties with reputable financial institutions and banking structures, expressed confidence that the upcoming negotiations of the EBRD Vice-President with Turkmen colleagues will contribute to the further development of bilateral economic relations.



During the exchange of views on priority aspects of interaction, the effective and long-term nature of cooperation between Turkmenistan and the EBRD was stated. Considering that new promising areas of partnership are opening up, the readiness of Turkmenistan, which has rich natural resources, to diversify cooperation in the energy sector was outlined.

It was also noted that our country is taking consistent steps to introduce environmentally friendly technologies into the industry and develop «green» energy, which open up wide opportunities for the EBRD's participation in projects and initiatives in the field of sustainable energy implemented in Turkmenistan.

Transport was also noted as a promising area of cooperation, in particular, through the activation of international routes along the Caspian Sea and the development of the transport and logistics system in the region, taking into account the favorable geographical location of our country. The work on creating multi-vector transport corridors North-South and East-West and the presence of great potential for increasing the capacity of the Turkmenbashi International Seaport were also noted. In this context, the head of state confirmed Turkmenistan's readiness to consider specific proposals from the EBRD for participation in projects to create transport and transit corridors.

Continuing the conversation, the issue of cooperation in the field of agriculture and water management was raised, within the framework of which Turkmen departments are working with the EBRD on the construction of irrigation structures and the use of high-tech specialized equipment.

In addition, the parties paid attention to the issues of intensifying cooperation between banks and the private sector of our country with the EBRD in the field of lending to small and medium-sized businesses and providing consulting services in this area.

# THE WORKING VISIT OF THE DELEGATION OF TURKMENISTAN TO THE KINGDOM OF BELGIUM

***The Turkmen delegation led by the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov is on a working visit to Belgium from March 17-19, 2024.***

The agenda of the upcoming meetings will focus on issues related to the expansion of Turkmenistan's interaction at multilateral platforms, the further development of political, diplomatic, trade and economic cooperation with Belgium, and building partnerships with European business circles.

On March 18, 2024, as part of the working visit of the Turkmen delegation to Brussels, a number of meetings were held with high-ranking representatives of the European Union.

In particular, negotiations were held with the Chief Foreign Policy Adviser to the President of the European Council Simon Mordue. The parties stated their interest in continuing cooperation in the field of green energy, transport, technological interconnection and other areas. The importance of bilateral cooperation mechanisms, as well as interaction within the EU-Central Asia format, was emphasized.

The diplomats also discussed issues on the international and regional agenda. At the same time, the positive role of Turkmenistan in maintaining security and stability in the region was especially highlighted.

On the same day, the signing of the Protocol to the Partnership and Cooperation Agreement between Turkmenistan and the EU took place in the building of the Council of the European Union.

As part of the ceremony, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Permanent Representative of Belgium to the EU Willem van de Voorde, which was also attended by the Managing Director of the European External Action Service for Eastern Europe, Russia, Central Asia and the OSCE Michael Siebert. It should be noted that Belgium currently holds the presidency of the Council of the EU.




In the afternoon, the head of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan met with the EU Special Representative for Central Asia Terhi Hakala, during which the current state and prospects for cooperation between the EU and Turkmenistan in the political, diplomatic, trade, economic and humanitarian spheres were discussed.

A meeting was also held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Minister of Foreign Affairs of Belgium Hadja Lahbib. The ministers discussed the current level and prospects of cooperation between the two countries in the political, cultural and humanitarian spheres. The parties expressed their readiness to further develop bilateral relations and partnerships within the framework of international organizations. Along with this, interest was expressed in expanding trade and economic ties.

On March 18, 2024, with the participation of the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, and the Director General of the Agency for Transport and Communications under the Cabinet of Ministers of Turkmenistan Mammethan Chakyev, a round table was organized with the European business community on the topic «Turkmenistan and the EU: towards a new economic partnership».

The event brought together more than 120 representatives from various countries in a hybrid format, where opportunities for cooperation in key areas such as energy, investment and trade were discussed.

The event was attended by heads and representatives of international organizations, including UN agencies, EU, OECD, political, diplomatic and financial institutions, media, commercial companies, trade and economic associations and agencies, research centers and other organizations.

Among the speakers were the heads of the European Commission's Directorate General for International Partnerships, the European Institute of Asian Studies, the Organization for Economic Cooperation and Development, as well as leading European companies such as «Sarens Group», «Cargolux», «Philips» and «Royal IHC» and others.

The head of the foreign ministry of Turkmenistan in his speech emphasized the great potential for expanding the economic partnership between Turkmenistan and the EU.

In the afternoon, as part of a round table with the participation of representatives of the European business community, ways to new economic partnerships between Turkmenistan and the European Union were discussed.

In addition to general discussions, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R.Meredov and the Director General of the Agency for Transport and Communications under the Cabinet of Ministers of Turkmenistan M.Chakiev held a number of separate meetings with European organizations and companies.

The head of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan met with the heads of the Organization for Economic Cooperation and Development, the Walloon Export and Investment Agency, as well as the vice-presidents of the «Philips» and «Picanol» companies.

M.Chakiev discussed issues of cooperation with the leaders of the seaport of Antwerp and the companies «Cargolux», «Exagon Global BV», «Royal IHC», and «DEME».

During the meetings, attention was focused on expanding existing cooperation, supplying equipment for various industries of Turkmenistan, researching potential projects, digitalization, use of modern technologies, development of entrepreneurship and investment activity. The prospects for opening service centers of European companies in Turkmenistan were discussed in order to strengthen further interaction and improve the service of supplied equipment.

The parties also expressed interest in continuing fruitful cooperation and readiness to discuss recommendations for improving the legal environment for business and investment.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTAN TÜRKI ÖWLETLERINIŇ SÖWDA-SENAGAT EDARALARYNYŇ BIRLEŞIGINIŇ AGZALYGYNA KABUL EDILDI

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylyň 6-njy martynda Türki Söwda-senagat edaralarynyň birleşiginiň Baş assambleýasynyň nobatdan daşary mejlisi geçirildi.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy Türki Söwda-senagat edaralarynyň birleşigine agza hökmünde goşulmagy baradaky meselä seredildi.

Netijede Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy Türki Söwda-senagat edaralarynyň birleşigine doly hukukly agza hökmünde kabul edildi.

2019-njy ýylda döredilen Türki döwletleriniň söwda-senagat edaralarynyň birleşigi Türki döwletleriň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly halkara meýdança bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda Birleşigiň düzümine Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyz, Özbegistan we Türkiýe Respublikalary doly hukukly agza hökmünde girýärler. Wengriýa, Demirgazyk Kipr bolsa gurama synçy hökmünde gatnaşýarlar.

## ВНЕШНЕПОЛИТИЧЕСКИЕ ИНИЦИАТИВЫ ТУРКМЕНИСТАНА НА МЕЖДУНАРОДНЫХ ПЛОЩАДКАХ В ЖЕНЕВЕ

13-14 марта 2024 года делегация Туркменистана во главе с Заместителем министра иностранных дел Мяхри Бяшимовой пребывала с визитом в г.Женева, Швейцарская Конфедерация.

В рамках визита, 13 марта делегация Туркменистана приняла участие в сегменте высокого уровня Регионального форума по устойчивому развитию, созванного Европейской экономической комиссией ООН (ЕЭК ООН).

Выступая в ходе мероприятия, глава туркменской делегации озвучила ряд инициатив, продвигаемых Туркменистаном на международной арене, совпадающих с приоритетами Повестки дня до 2030 года в экономической, транспортно-коммуникационной и энергетической отраслях, а именно готовность страны к международному взаимодействию в разработке Глобальной рамочной программы перехода к экономике замкнутого цикла, создании Глобального атласа устойчивой транспортной связанности, а также Альянса по глобальной энергетической безопасности и устойчивому развитию.

14 марта состоялись двусторонние встречи туркменской делегации с руководством Международной организации по миграции (МОМ) и Всемирной торговой организации (ВТО).

В ходе встречи с Международной организацией по миграции, прошедшей в рамках выставки по положению женщин Афганистана, организованной МОМ и ООН-Женщины на полях регионального форума по устойчивому развитию, стороны обменялись мнениями относительно ситуации женщин в Афганистане. В частности, туркменская сторона подчеркнула важность поддержки отношений и диалога с соседней страной, укрепив этот факт примером




недавно прошедшей торгово-экономической выставки Афганистана в Ашхабаде, по итогам которой между туркменскими и афганскими представительницами частного сектора был подписан Меморандум о сотрудничестве.

Генеральный директор МОМ отметила значимость предпринимаемых Туркменистаном шагов, вносящих посильный вклад в улучшение положения афганских женщин.

На встрече туркменской делегации с Заместителем исполнительного секретаря ВТО состоялся обмен мнениями по процессам и предпринимаемым шагам Туркменистана по вступлению в ВТО.

## В Туркменистане аккредитован Посол Панамы

Председатель Меджлиса Туркменистана Д.Гулманова 14 марта 2024 года приняла верительные грамоты от Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Панама в Туркменистане Роландо Энрике Барроу Ноада.

От имени главы государства спикер Парламента поздравила дипломата с назначением и пожелала успехов в работе по развитию двусторонних отношений.

Посол, в свою очередь, передал Президенту Туркменистана тёплые слова приветствия от имени высшего руководства Панамы, а также пожелания благополучия и процветания туркменскому народу.

В ходе встречи дипломат был ознакомлен с основными направлениями и приоритетами внутренней и внешней политики, социально-экономическими преобразованиями, осуществляемыми в нашей стране. При этом отмечалось, что одним из важных векторов внешнеполитической деятельности страны является расширение плодотворных связей с государствами Латинской Америки.

Наряду с этим была предоставлена информация о структуре и многосторонней деятельности Меджлиса. В данном контексте было высказано предложение об установлении тесных межпарламентских контактов.

Среди перспективных направлений сотрудничества были обозначены сферы транспорта, морских перевозок, туризма.

Особо отмечалась заинтересованность стран в активизации межгосударственного диалога в рамках авторитетных международных организаций, прежде всего ООН.

Посол Панамы Посол Мексики заверил, что приложит все усилия в деле расширения двусторонних дружественных связей.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Посольстве Туркменистана в Москве состоялся брифинг*

19 марта в Посольстве Туркменистана в Москве состоялся брифинг, посвященный итогам социального-экономического развития Туркменистана за 2023 год, международным подходам страны в контексте выступления Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на Анатолийском дипломатическом форуме и международным мероприятиям в честь 300-летия со дня рождения Махтумкули Фраги.

На брифинге присутствовали представители дипломатического корпуса, аккредитованного в Туркменистане (с резиденцией в Москве), дипломаты государств СНГ, средств массовой информации, политологи, культурного сообщества, туркменской диаспоры в России.

Участники брифинга были ознакомлены с важными событиями международной деятельности Туркменистан, зарубежных визитах Главы государства и Национальность лидера туркменского народа, встречах с лидерами иностранных государств, о проведенных мероприятиях по линии культурной и парламентской дипломатии.

### *В Венской дипакадемии состоялась конференция, посвященная Махтумкули Фраги*

13 марта 2024 года в Венской дипломатической академии состоялась Международная научная конференция «Наследие Махтумкули Фраги и туркменская культура в Европе», организованная Посольством Туркменистана в Австрийской Республике.

В конференции приняли участие послы и представители дипломатических миссий, аккредитованных в Австрии, депутаты парламента, руководители министерств и ведомств, представители ведущих вузов и научных кругов Туркменистана, Австрии, Венгрии и Словацкой Республики, члены туркмено-австрийского общества, туркменские студенты, обучающиеся в учебных заведениях Австрии, а также представители СМИ.

В ходе мероприятия, выступающие представили свои доклады и презентации на такие темы, как изучение рукописей Махтумкули Фраги в европейских странах, Махтумкули и человечество, а также наследие Махтумкули как источник для расширения прав и возможностей молодежи.

### *Посол Туркменистана провел ряд встреч в правительстве Австралии*

В рамках продолжающего визита в Австралию, новоназначенный Посол Туркменистана А.Байрамов провел ряд рабочих встреч с высокопоставленными представителями австралийского правительства.

Первая встреча состоялась с Заместителем министра иностранных дел и торговли Австралии Тимом Уоттсом. В ходе встречи были рассмотрены перспективы сотрудничества между Туркменистаном и Австралией в политико-дипломатических, экономических и культурно-гуманитарных сферах.

Далее, прошла встреча с Мишель Чан, Заместителем секретаря по работе Группы Южной и Юго-Восточной Азии и главой Бюро Юго-Восточной Азии Министерства иностранных дел и торговли Австралии. В ходе обсуждения по многих направлениям по активизации и реализации двустороннего сотрудничества, позволило выявить общие интересы и направления для дальнейшего взаимодействия.

Сфера образования стала следующей темой встречи с Заместителем секретаря Министерства образования Австралии Ванессой Лапторн. В рамках встречи затронуты возможности сотрудничества в сфере образования, академических обменов и научных исследований между учебными заведениями Туркменистана и Австралии.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***